# Tukmence - Beginning Spiritual Warfare Prayer Scriptures

## Confession Scriptures

**Ezra 9:7 Ata-babalarymyzyň döwründen tä şu güne çenli biziň ýazygymyz uludyr. Günälerimiz üçin özümiz, patyşalarymyz, ruhanylarymyz edil şu günki ýaly keseki ýerli patyşalaryň eline berildik, gylyçdan geçirildik, ýesirlige düşdük, talaňa, masgaraçylyga sezewar edildik.**

**Ezra 9:13 Pis işlerimiz uly ýazygymyz zerarly başymyza inen bu bela-beterlerden soň, eý, Hudaýymyz, Sen bize günälerimize laýyk jeza bermän, gaýtam bizi aman galdyrdyň.**

**Nehemýa 9:2 Ysraýyllar ähli kese ýerlilerden özlerini aýryp, öz günälerini, ata-babalarynyň etmişlerini boýun aldylar.**

**Zebur 24:3,4(23:3,4) Rebbiň dagyna kim çykyp biler? Mukaddes öýünde kim durup biler? 4 Elleri päk, ýüregi-de ak, köňlüni galplyga gönükdirmeýän, hile bilen kasam etmeýän ynsan.**

**Zebur 73:13(72:13) Men biderek ýere kalbymy päk saklapdyryn, günä etmekden saklanypdyryn.**

**Işaýa 59:2 Ýazyklaryňyz Hudaýyňyz bilen araňyza aýralyk saldy, sesiňizi eşitmez ýaly, günäleriňiz Onuň ýüzüni sizden gizledi.**

**Işaýa 64:6 Murdar adam deý bolduk ählimiz, ähli dogry işlerimiz murdar esgi deý. Solýarys biz ýaprak deý, ýel dek alyp gidýär ýazyklarymyz bizi.**

**Ýermeýa 5:25 Etmişleriňiz bulary sizden uzaklaşdyrdy, günäleriňiz sizi ýagşylykdan mahrum etdi.**

**Hoşeýa 13:8 Çagalaryndan aýrylan aýy ýaly topularyn, olaryň döşüni çekelärin. Ene arslan kimin olary iýip gutararyn. Wagşy haýwan ýaly olary parçalaryn.**

**Danyýel 9:8,9 Ýa Reb, patyşalarymyzyň, han-beglerimiziň, ata-babalarymyzyň ýüzüni utanç gaplandyr, sebäbi biz Saňa garşy günä etdik. 9 Rehimdarlyk we geçirimlilik Taňry Hudaýymyza mahsusdyr, çünki biz Onuň garşysyna baş galdyrdyk.**

**Markusyň Hoş Habary 9:24 Şol bada oglanyň kakasy aglap gygyrdy: «Iman edýärin, imansyz bolmazlygym üçin maňa kömek et!»**

**Lukanyň Hoş Habary 11:2 Olara şeýle diýdi: «Doga edeniňizde şeýle diýiň: Eý, Gökdäki Atamyz! Adyň mukaddes bolsun. Patyşalygyň gelsin, Gökde bolşy ýaly, Ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn. (Mattanyň Hoş Habary**

6:10)

Ýahýanyň Hoş Habary 14:6 Isa oňa şeýle diýdi: «Men – ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn, Mensiz hiç kim Ata baryp bilmez.

Ýahýanyň Hoş Habary 17:15 Olary dünýäden almagyňy däl-de, ýamanlykdan goramagyňy dileýärin.

Ýakubyň Haty 4:8 Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý günäkärler, eliňizi arassalaň, eý ikigöwünliler, ýüregiňizi saplaň.

Pawlusyň Rimlilere Haty 6:12-14 Höweslerine boýun bolmazlygyňyz üçin, ölümli teniňizde günä höküm sürmesin. 13 Synalaryňyzy nädogrulyk guraly edip, günä tabşyrman, eýsem, ölümden direlen hökmünde özüňizi Hudaýa tabşyryň, synalaryňyzy dogrulyk guraly edip, Hudaýa tabşyryň. 14 Günä size agalyk etmez. Çünki siz kanun astynda däl, merhemet astyndasyňyz.

Ýewreýlere Haty 9:28 şonuň ýaly, Mesih hem köp adamlaryň günälerini götermek üçin, bir gezek gurban edildi. Emma ol ikinji gezek günäni götermek üçin däl-de, Özüne garaşýanlara gutulyş getirmek üçin görner.

1 Ýahýanyň Birinji Haty 1:9 Günälerimizi boýun alsak, Ol ynamdar, adyldyr. Günälerimizi öter, bizi her hili ýamanlykdan arassalar.

## Forgiveness Scriptures

Mattanyň Hoş Habary 6:12-15 Bize ýamanlyk edýänleriň ýazyklaryny $geçişimiz ýaly, Sen-de biziň ýazyklarymyzy geç. 13 Bizi synaga salma, bizi iblisden halas et. Çünki patyşalyk, gudrat we şöhrat Ebedilik Seniňkidir. Omyn". 14 Siz adamlaryň ýazyklaryny bagyşlasaňyz, Gökdäki Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar. 15 Adamlaryň ýazyklaryny bagyşlamasaňyz, Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlamaz».

Mattanyň Hoş Habary 18:21,22 Onsoň Petrus gelip, Isa şeýle diýdi: «Ýa Reb, doganym maňa garşy näçe gezek günä etse, men ony bagyşlaýyn? Ýedi gezekmi?» 22 Isa oňa şeýle jogap berdi: «Men saňa ýedi gezek däl, ýetmiş ýola ýedi gezek diýýärin.

Mattanyň Hoş Habary 18:35 Siziň hem her biriňiz öz doganynyň ýazyklaryny ýürekden bagyşlamasa, Meniň Gökdäki Atam hem sizi şeýle eder».

Markusyň Hoş Habary 11:25,26 Gökdäki Ataňyz siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar ýaly, birinden öýke-kinäňiz bar bolsa, doga etmäge duran mahalyňyz siz-de ony bagyşlaň. 26 Siz bagyşlamasaňyz, Gökdäki Ataňyz

hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlamaz».

Lukanyň Hoş Habary 6:37 Başgalaryň üstünden höküm çykarmaň, siziň-de üstüňizden höküm çykarylmaz. Iş kesmäň, size-de iş kesilmez. Bagyşlaň, siz-de bagyşlanarsyňyz.

Lukanyň Hoş Habary 11:4 Günälerimizi geç. Çünki biz hem özümize garşy günä edenleriň barynyň günäsini geçýäris. Bizi synaga salma, bizi iblisden halas et».

Lukanyň Hoş Habary 17:3,4 Habardar boluň! Doganyň günä etse, oňa käýe, toba etse, ony bagyşla. 4 Ol saňa garşy günde ýedi gezek günä etse, ýedi gezek-de ýanyňa gelip: „Toba edýärin!" diýse, ony bagyşla».

Lukanyň Hoş Habary 23:34 Isa: «Ata! Olary bagyşla, çünki näme edýänlerini bilmeýärler» diýdi. Onuň egin-eşigini bolsa bije atyşyp paýlaşdylar.

Resullaryň Işleri 8:22 Indi, bu ýaman päliňden gaýt-da, Rebbe ýalbar, belki, Ol seniň bu pikiriňi bagyşlar.

Pawlusyň Rimlilere Haty 4:7 Kanunsyzlyklary bagyşlananlar, günäleriniň üsti örtülenler nähili bagtly!

Efeslilere Haty 1:7 Onuň bütin akyldarlyk we düşünje bilen üstümize bolelin ýagdyran merhemetiniň baýlygy saýasynda,

Efeslilere Haty 4:32 Biri-biriňize mähriban, gamhor boluň, Hudaýyň sizi Mesihde bagyşlaýşy ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň.

Koloselilere Haty 1:14 Biz Onda gutulyşa, günäleriň ötülmegine eýediris.

Koloselilere Haty 2:13-15 Günäliligiňiz bilen, günäli tebigatyňyzyň sünnetsizligi bilen ölükäňiz, Hudaý sizi Onuň bilen birlikde janlandyrdy. Ähli günälerimizi geçdi. 14 Biziň tersimize, kada-kanunlary bilen bize garşy bolan borçnamany öçürdi, ony haça çüýläp, aradan aýyrdy. 15 Hökümdarlaryň, häkimiýetleriň elinden erkini aldy, olary haçda ýeňip, açykdan-açyk paş etdi.

1 Ýahýanyň Birinji Haty 1:9 Günälerimizi boýun alsak, Ol ynamdar, adyldyr. Günälerimizi öter, bizi her hili ýamanlykdan arassalar.

1 Ýahýanyň Birinji Haty 2:12 Eý balalar, size ýazýaryn, çünki günäleriňiz Onuň hatyrasyna bagyşlandy.

**Pastor T. John Franklin**
**Church of Salvation, Healing, and Deliverance**
**COS-HAD.org**